# Atmasañ gowy

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Atmasañ gowy ATMASAŇ GOWY

Ulugyz ýalydyr basanda messan,
Keýerjekläp durşy döreder dessan.
Ol senden isleýär gülzarlyk- bossan,
Çölde jeren duşsa atmasaň gowy.

Bu süýji günleriň gadyry başga,
Ýagşy päl-niýete bolunsa aşna,
Agyrly oýlary seriňden taşla,
Munda gaýgy-gama batmasaň gowy.

Gepi däl, sözden öň diňlegin gözi,
Ol haky görýändir görşi dek düzi,
Aýandyr asmanyň, Zeminiň ýüzi,
Gafat ukusynda ýatmasaň gowy.

Bagta barýan ýoly bilersiň tapyp,
Gezmeseň çar ýana bigäne çapyp,
Duşuňdan geçirmän aljak bol gapyp,
Ýöne özgäň guşun tutmasaň gowy.

Derýany synla-da özüňe seret,
Akaba öwür-de galamyň ýöret,
Sakaň guramaka baryňy döret,
Ahyrda armana batmasaň gowy.

* * *

Aýlar hem, ýyllar hem, geçegçi kerwen,
Düýnki ogluň bu gün ýakyn goňşyňdyr.
Gyzlaryň öwrüler özge bir ýada,
Ýöne enelerne meňzeş ýagşyňdyr.

Zürýatdan-nesilden dörese oba,

Gursagyňda aýdym aýdar guwanjyň.
Kethuda bolarsyň guran kendiňe,
Agtyk-çowluklaryň bolar daýanjyň.

Şatlyk tans edende köňül içinde,
Sal gitse-de agramyny duýmarsyň.
Ýaş ýigit deý aýlanarsyň öýme-öý.
Ýekesinem nazaryňdan salmarsyň.

* * *

Algym az diýsem-de, bergim ýeterlik,
Ýöne men gynanyp duramok aşa,
Aram-aram başym agyran çagy,
Diýýärin özüme: “Bergiň bar, ýaşa!”

Ýörmesem-de tutjak bolup dünýäni,
Bergini üzmegiň ýolunda mydam,
Hemmeden gyssanmaç wagt diýeniň,
Bary bir bergili gitmez-ä adam.

Bergiden çykmagyň ýoluny yzlap,
Ynam bilen ädip barýan ädimi,
Gursagymy halallykdan dolduryp,
Ýakyp gitmen algydaryň ädini.

* * *

Säher şemalyna çözlense saçyň,
Garagol şemaldan gabanýan seni,
Gerçegiň elinde ýaý boljak gaşyň,
Ýazylsa diňe şol derdimiň emi.

Özgede eglenip bilmedik gözüm,
Seniň gözleriňe siňene döndi,
Şygyra öwrülip barýar her sözüm,
Gursagym aýdymly, ellerim gülli.

Saňa bolan söýgim ýüpsüz baglady,
Belki-de sen meni gitmersiň goýup,

Bilmändirin beýle derdiň barlygyn,
Mežnuna döndüm men bu derdi duýup.

Silgeldi AKMYRADOW. Goşgular